# Nädip unutmaly?

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Nädip unutmaly? NÄDIP UNUTMALY?




Nädip unutmaly,
Nädip gülmeli?
Nädip ýöretmeli ýürege hökim?
Tutaşan ykbaly,
Geçen günleri,
Meňem unutmaga bardyra hakym?
Elleň bilen däl, sözleriň bilen,

Ýykdyň seni ezizleýän göwnimi.
Wysalsyz arzuwym armanda goýup,
gitdiň. Indi eden işiň dogrumy?!

Özge gyza bakanokdy göreçler,
Bilýäň, muny seň öziňem bilýäň.
Ýöne welin, näme üçin sowaşman,
Sowuk sözleň bilen bagrymy dilýäň.

Ak lybasda, düýşimde hem huşumda,
Hem müdimi aňymda suratdeý galdyň.
Nädip unutmaly geçen günleri,
Seň geçen günleri unduşyň ýaly?!

Perman Halgylyjow Goşgular